**Türkmenistanyň Prezidentiniň 2026-njy ýylyň 13-nji aprelinde çykaran 1776-njy karary bilen tassyklandy**

# Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2026–2030-njy ýyllar üçin DÖWLET MAKSATNAMASY

## I bap. Giriş

«Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2026–2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» (mundan beýläk – Maksatnama) «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasyna», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna», «Bitarap Türkmenistanyň 2022–2028-nji ýyllar üçin daşary syýasy ugrunyň konsepsiýasyna», Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň pudaklaryny ösdürmegiň maksatnamalaryna, «Daşary ykdysady iş hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy.

Maksatnama Türkmenistanyň daşary ykdysady işini pugtalandyrmak boýunça möhüm wezipeleri we çäreleri öz içine almak bilen, üstünlikli durmuşa geçirilen «Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020–2025-nji ýyllar üçin maksatnamasynyň» dowamy bolup durýar.

Maksatnama bütindünýä we sebitleýin ösüşiň häzirki meýillerini, täze geoykdysady ýagdaýlary, öňde durýan toplumlaýyn çäreleri we ugurlary hasaba almak bilen işlenip taýýarlanyldy.

Halkara ykdysady gatnaşyklaryň häzirki ulgamy oýlanyşykly we ulgamlaýyn çemeleşmegi talap edýän çuň özgermeleri başdan geçirýär. Şunuň bilen baglylykda, Maksatnama Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmek we pugtalandyrmak boýunça täzeçe çemeleşmäni, innowasion usullary we gurallary göz öňünde tutýar.

Umumylaşma şertlerinde ýurduň uzakmöhletleýin durmuş-ykdysady ösüşini üpjün etmekde daşary ykdysady işe oýlanyşykly we ulgamlaýyn çemeleşmek aýratyn ähmiýete eýe bolýar hem-de daşary ykdysady işiň dürli görnüşlerini amala aşyrmak arkaly milli we ählumumy ykdysadyýetiň goşulyşmagy bolup geçýär. Bu bolsa özara bähbitli ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn ugurlarda harytlaryň we hyzmatlaryň alşylmagyna mümkinçilik berýär.

Daşary ýurt döwletleri, halkara guramalary we maliýe institutlary bilen söwda-ykdysady aragatnaşyklary ähli ugurlar boýunça ösdürmek Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasatynyň esasy ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup galýar.

Täze Maksatnamany işläp taýýarlamagyň zerurlygy döwlet Baştutanymyz tarapyndan bütindünýä maliýe-ykdysady gurşawda ýurduň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň işjeňleşdirilmegi we bu ugurda bellenen möhüm wezipeler, şol sanda ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda abraýly halkara guramalary we maliýe institutlary, ykdysady taýdan ösen we ösüp barýan ýurtlar, öňdebaryjy tejribesi we innowasion tehnologiýalary bolan iri kompaniýalar bilen özara gatnaşyklary giňeltmek, ykdysady gurşawda ýurdumyzyň abraýyny pugtalandyrmak, şeýle hem milli ykdysadyýetiň depginli ösüşi bilen baglanyşyklydyr.

Ählumumy we sebit derejesinde ýagdaýlaryň çalt üýtgeýän şertlerinde ýurt we dünýä jemgyýetçiligi üçin anyk netijeleri gazanmak üçin amaly maksadalaýyklygyndan we ulgamlaýyn seljerme geçirilmeginden ugur alyp, Türkmenistanyň Prezidentiniň halkara daşary ykdysady başlangyçlaryny has-da netijeli we ulgamlaýyn öňe sürmegi üpjün etmek zerurlygy ýüze çykýar.

Maksatnama, ilkinji nobatda, ýurduň daşary ykdysady işini düzgünleşdirýän milli kanunçylyk binýadyny mundan beýläk hem kämilleşdirmäge, daşary ykdysady aragatnaşyklary giňeltmek üçin zerur bolan amatly hukuk, dolandyryş we maliýe gurşawyny döretmäge hem-de has-da kämilleşdirmäge, daşary ýurt döwletleri, halkara guramalary we maliýe institutlary bilen özara bähbitli gatnaşyklary işjeňleşdirmäge, daşary ykdysady gatnaşyklary diwersifisirlemek ýoly bilen ösdürmäge gönükdirilendir.

Şeýle hem, Maksatnama ýurdumyzyň dünýäniň hojalyk ulgamyna işjeň goşulyşmagynyň ugurlaryny kesgitlemek bilen, öndürilýän önümleriň we ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak üçin daşary ykdysady gatnaşyklaryň artykmaçlyklaryndan doly möçberde peýdalanmaga mümkinçilik berer.

Ýurduň senagat-innowasion ösüşi, «ýaşyl», aýlawly (sirkulýar) we sanly ykdysadyýetiň gerimini giňeltmek, ýokary tehnologik we ylmy köp talap edýän önümçilikleri ösdürmek, energetika we mineral serişdelerden netijeli peýdalanmak, ulag-logistika ulgamlaryny ösdürmek Türkmenistanyň depginli ykdysady ösüşini üpjün etmegiň ileri tutulýan strategik wezipeleri bolup durýar.

Milli ykdysadyýetiň senagat-innowasion ösüş strategiýasy hereket edýän kärhanalary döwrebaplaşdyrmaga we giň halkara hyzmatdaşlygynyň esasynda täze innowasion önümçilikleri döretmäge gönükdirilendir.

Bu wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek üçin giň halkara ykdysady hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy we ösdürilmegi göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň daşary ykdysady işiniň esasyny gatnaşyjylaryň ählisini, ýagny döwlet bölegini hem, hususy bölegi hem öz içine alýan hem-de ýurduň häzirki bar bolan we geljekde mümkin bolan bäsdeşlik mümkinçiliklerini halkara bazarlarynda yzygiderli durmuşa geçirmäge gözükdirilen daşary ykdysady syýasat tutýar.

Türkmenistanyň daşary ykdysady işiniň döwrebap görnüşlerini we ugurlaryny amal etmekde ykdysady ulgamy ösdürmegiň innowasion modelinden ugur alýan pudaklaryň we önümçilikleriň ösdürilmegini höweslendirýän görnüşleri aýratyn ähmiýete eýe bolar we ileri tutular.

Türkmenistan tarapyndan ykdysadyýeti innowasion taýdan ösdürmek ýolunyň saýlanyp alynmagy bilen baglylykda, ýurduň içerki mümkinçiliklerinden, şeýle hem daşary ýurt döwletleriniň we daşary ýurt kompaniýalarynyň amatly tekliplerinden peýdalanylyp, iri strategik başlangyçlary we taslamalary durmuşa geçirmek göz öňünde tutulýar.

Türkmenistan tebigy baýlyklaryň ägirt uly gorlaryna, önümçilik we zähmet mümkinçiliklerine eýe bolmak bilen, şeýle hem geografik taýdan amatly ýerleşmegi onuň halkara zähmet bölünişigine işjeň gatnaşmagyna ähli şertleri döredýär.

Maksatnama bazar ykdysadyýetiniň gurallaryny netijeli peýdalanmagyň, daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmegiň we oňyn tejribeleri ornaşdyrmagyň hasabyna daşary ýurt döwletlerine ýerlemäge niýetlenen we daşary ýurt döwletlerinden getirilýän harytlaryň ornuny tutýan milli önümleriň we hyzmatlaryň möçberini has-da artdyrmak, şeýle hem öňdebaryjy tehnologiýaly, gyzyklanma bildirýän daşary ýurt döwletlerini, halkara maliýe düzümlerini işjeň çekmek bilen, Türkmenistanda döwrebap senagat-innowasion ulgamlary döretmek babatda zerur çäreleriň toplumyny öz içine alýar.

Milli ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak hem-de ösüşiň «ýaşyl», aýlawly (sirkulýar) we sanly modeline geçmek babatda öňümizde goýlan maksatlary amal etmekde adam maýasynyň ösdürilmegi möhüm bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň daşary ykdysady işi ýokary, ýöriteleşdirilen we orta hünär biliminiň ulgamlaýyn döwrebaplaşdyrylmagy, ykdysadyýetiň ileri tutulýan ugurlary boýunça hünärmenleri taýýarlamagyň, gaýtadan taýýarlamagyň we olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň ösdürilmegi, pudaklaýyn esasynda hünärmenlere bolan islegi çaklamak usullarynyň ornaşdyrylmagy, şeýle hem tehniki kömek, tejribe alyşmak hünärmenleri taýýarlamak we bilim ulgamyny kämilleşdirmek meseleleri boýunça halkara maliýe institutlary, ösüş guramalary, daşary ýurt bilim we ylmy-barlag edaralary bilen hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi bilen utgaşykly alnyp barylmalydyr.

Umuman, Türkmenistanyň ylmy we amaly taýdan esaslandyrylan daşary ykdysady işi kesgitli ýörelgeler, şol sanda:

1) hödürlenýän çäreleriň we gurallaryň ulgamlaýynlygy;

2) döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň maksada gönükdirilmegi;

3) amala aşyrylýan strategik ugurlaryň we olary üpjün edýän hereketleriň özara baglanyşyklylygy we biri-birine goldaw bermegi;

4) daşary ykdysady işi umumylykda hem, onuň aýry-aýry görnüşleri we düzüm bölekleri (eksport, import, maýa goýum, önümçilik, tehnologik hyzmatdaşlyk we beýlekiler) babatynda hem diwersifisirlemek ýörelgesi boýunça ugur alar.

## II bap. Maksatnamanyň esasy maksatlary we wezipeleri

Şu Maksatnama orta möhletleýin döwürde daşary ykdysady işjeňligiň ösüşini goldamak üçin toplumlaýyn milli ulgamy döretmegi maksat edinýär. Bu ulgam netijeli institutlara we goldaw çärelerine esaslanýar hem-de Türkmenistanyň dahylly kärhanalarynyň işiniň dünýä bazarynda ýaýbaňlandyrylmagy üçin amatly şertleri üpjün edýär.

Türkmenistan bu Maksatnamany durmuşa geçirmek arkaly halkara ykdysady hyzmatdaşlygyň şertlerini we gerimlerini giňeltmegi maksat edinýär, bu bolsa ýurduň dünýä ykdysadyýetinde we söwda syýasatynda tutýan ornunyň ýokarlanmagyny, depginli we geljegi uly bazarlarda eýeleýän ornunyň pugtalanmagyny, döwrebaplaşdyrmak we innowasion ösüş wezipelerini amal etmek bilen, milli ykdysadyýetiň pudaklary üçin möhüm oňyn netijeleriň gazanylmagyny üpjün eder.

Maksatnamanyň esasy wezipesi Türkmenistanyň daşary ykdysady işinde zerur çemeleşmeleri, ileri tutulýan ugurlary we çäreleriň toplumyny kesgitlemekden ybaratdyr. Olaryň arasyndan şu wezipeler aýratyn görkezilýär:

1) milli ykdysadyýetiň ösüşini we ilatyň abadançylygyny üpjün edýän, netijeli we maksada gönükdirilen daşary ykdysady işi amala aşyrmak ýoly bilen ýurduň ykdysady howpsuzlygyny we ykdysady garaşsyzlygyny üpjün etmek;

2) Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary ykdysady ulgamdaky başlangyçlaryny halkara derejesinde netijeli öňe sürmek;

3) milli ykdysadyýetiň daşarky bazarlara açyklyk derejesini ýokarlandyrmak, şol sanda daşary ýurt maýadarlary üçin özara bähbitli gurşawy döretmek;

4) milli ykdysadyýetiň «ýaşyl» we aýlawly (sirkulýar) ykdysadyýete geçmegine ýardam bermek;

5) ýurduň dünýäniň senagat-innowasion ösüşine netijeli goşulyşmagyny gazanmak, şol sanda harytlaryň daşary ýurtlara iberilmegini diwersifisirlemek we daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň görnüşlerini kämilleşdirmek;

6) ykdysadyýeti dolandyrmagyň ähli derejelerinde bäsdeşlik artykmaçlyklaryny emele getirmek we ösdürmek;

7) milli ykdysadyýetiň dünýäniň ykdysady gatnaşyklaryna doly derejede goşulmak mümkinçiliklerini amal etmek;

8) halkara giňişliginde Türkmenistanyň geoykdysady we söwda-syýasy taýdan netijeli ornuny üpjün etmek hem-de dünýä ykdysadyýetinde ýurduň abraýyny has-da artdyrmak;

9) harytlaryň we hyzmatlaryň depginli ösýän we geljegi uly bolan dünýä bazarynda Türkmenistanyň pudaklarynyň (energetika, senagat, ulag, himiýa senagaty, oba hojalygy, syýahatçylyk we beýlekiler) ornuny berkitmek;

10) ýurduň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda serişde tygşytlaýjy we ekologiýa zyýan ýetirmeýän tehnologiýalary, şeýle hem gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri bilen baglanyşykly oňaýly çözgütleri ornaşdyrmak;

11) Türkmenistanyň dahylly kärhanalarynyň halkara önümçilik-satuw zynjyryna (ulgamyna) işjeň goşulmagyny gazanmak hem-de onuň esasynda daşary ýurt innowasion tehnologiýalarynyň önümçiliklere ornaşdyrylmagy üçin mümkinçilikleri giňeltmek;

12) halkara ykdysady guramalar we maliýe institutlary, öňdebaryjy halkara banklary we reýting agentlikleri bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak;

13) daşary ykdysady işiň ileri tutulýan ugurlary, şol sanda halkara söwda, eksporty ilerletmek, logistika, elektron söwda, tehniki taýdan düzgünleşdirmek we sertifikatlaşdyrmak, sanly ykdysadyýet, senagat hyzmatdaşlygy, gaýtadan dikeldilýän energetika, energiýanyň netijeliligi we ekologiýa menejmenti üçin hünärmenleri taýýarlamak;

14) energiýany ulanmagyň netijeliligini artdyrmak we «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak;

15) daşary söwdanyň gurluşyny düzümleýin ösdürmek (söwda öýleri, ulag-üstaşyr merkezleri, ulag, sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak, elektron söwda üçin şertleri döretmek we beýlekiler);

16) çig mallaryň, harytlaryň we önümçilik serişdeleriniň ýurda has peýdaly şertlerde gelmegini üpjün etmek;

17) ýurduň halkara önümçilik-satuw ulgamyny guramak;

18) milli ykdysadyýetde önümçilik we hyzmat ulgamynda sarp edilýän harajatlar bilen dünýä ýurtlaryndaky çykdajylaryň deňeşdirmesini geçirmek;

19) döwrebap tehnologiýaly innowasion gurşawy döretmek we ösdürmek ugrunda öňdebaryjy dünýä tejribesini özleşdirmek;

20) daşary ykdysady işiň dürli görnüşlerini kämilleşdirmegiň hasabyna ýurduň ykdysady mümkinçiliklerini has-da ösdürmek;

21) daşary ýurtlara ýerlenilýän we daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň innowasiýa derejesini ýokarlandyrmak;

22) daşary ykdysady işiň dürli görnüşlerini ösdürmek babatynda yzygiderli höweslendiriş çärelerini işläp düzmek we durmuşa geçirmek;

23) ýurduň hususy böleginiň wekilleri üçin daşary ýurt bazarlarynda amatly şertleri döretmek we öňe sürmek;

24) milli ykdysadyýetde eýeçiligiň ähli görnüşindäki kärhanalar, taraplar üçin daşary ykdysady işi ýeňilleşdirmek we döwrebaplaşdyrmak;

25) ýurduň daşary ykdysady işine maglumat tehnologiýalaryny we elektron söwdany ornaşdyrmagy dowam etdirmek;

26) daşary ýurt bazarlaryna ylmy taýdan ýokary tehnologiýalar arkaly öndürilen harytlary we hyzmatlary hödürlemek;

27) ýurduň daşary ykdysady işini düzgünleşdirýän, höweslendirýän we utgaşdyrýan edaralary we ulgamlary emele getirmek;

28) degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň daşary söwda ulgamyny Bütindünýä söwda guramasynyň kadalaryna we ýörelgelerine laýyklykda mundan beýläk-de kämilleşdirmek hem-de ösdürmek boýunça çäreleri amala aşyrmak;

29) ykdysadyýet, maliýe, pul-karz syýasaty, salgyt salmak, gümrük, standartlaşdyryş we sertifikatlaşdyryş, şeýle hem gazna biržasy ulgamyndaky kanunçylyk binýadyny Bütindünýä söwda guramasynyň ylalaşyklaryna, ýörelgelerine laýyk getirmek hem-de täze kanunlary işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek;

30) milli ykdysadyýeti sanlylaşdyrmagy dowam etdirmek.

## III bap. Türkmenistanyň daşary ykdysady işiniň ileri tutulýan ugurlary

Türkmenistan özüniň energiýa we mineral baýlyklara eýedigini, geografiki taýdan ýerleşişini we köp asyrlyk medeniýetini nazara almak bilen, daşary ykdysady işinde aşakdaky ulgamlara we ugurlara aýratyn üns berýär: halkara söwda, ýangyç-energetika, himiýa senagaty, ulag-üstaşyr geçelgeleri, senagat, tehniki-innowasion ösüş we syýahatçylyk ulgamlary. Şunda, Türkmenistan daşary ykdysady işi amala aşyranda diňe bu ulgamlar we ugurlar bilen çäklenmän, ähli ugurlar boýunça gatnaşyklary ösdürer.

Ileri tutulýan ulgamlar we ugurlar aşakdakylary öz içine alýar:

1) halkara söwdany:

a) dürli harytlaryň we hyzmatlaryň eksportyny höweslendirmek boýunça döwlet maksatnamalaryny işläp taýýarlamak we goldamak, şol sanda eksport edijilere maliýe kömegini bermek, halkara bazary öwreniş hem-de önümleriň söwdasyny daşary ýurt döwletlerinde ilerletmek boýunça maslahat beriş hyzmatlaryny guramak, şeýle hem eksport işjeňligini ösdürmäge gatnaşýan kiçi we orta kärhanalar üçin ýörite maksatnamalary we ýeňillikleri işläp taýýarlamak;

b) daşary ýurt bazarlarynda «Türkmenistanda öndürilen» ýazgyly önümleri öňe sürmek üçin ähli zerur çäreleri görmek;

ç) Türkmenistanyň daşary söwdasynyň möçberlerini artdyrmaga ýardam edýän söwda ulgamlaryny ösdürmek;

d) milli eksport edijilere doly möçberde ätiýaçlandyryş we maliýe goldawyny berjek milli eksport-karz agentligini döretmek mümkinçiligini öwrenmek;

e) halkara söwda gatnaşyklarynyň geografiýasyny giňeltmek;

ä) däp bolan söwda hyzmatdaşlary, ilkinji nobatda, serhetdeş döwletler we Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna (GDA) agza ýurtlar bilen daşary söwdanyň görnüşlerini giňeltmek hem-de onuň möçberlerini artdyrmak boýunça innowasion gurluşlary we gurallary ornaşdyrmak;

f) ulgamlaýyn esasda daşary ýurt bazarlaryny öwreniş çärelerini geçirmek, şol sanda halkara sergilerine işjeň gatnaşmak we milli önümleri öňe sürmek üçin sanly ulgamlary peýdalanmak;

g) öndürilen önümleriň halkara talaplaryna laýyk gelmegi üçin döwrebap tehnologiýalaryň, hil standartlarynyň we önümleri sertifikatlaşdyryş ulgamynyň ornaşdyrylmagyna döwlet tarapyndan işjeň ýardam etmek;

h) daşary söwda amallaryny ýeňilleşdirmek maksady bilen, ýerli eksport edijiler üçin gümrük, rugsat beriş we sertifikatlaşdyryş amallaryny ýönekeýleşdirmek;

i) daşary ýurtlara iberilýän harytlaryň möçberlerini artdyrmak maksady bilen, ýurduň içindäki önümçiliklere täze tehnologiýalary çekmek;

j) halkara söwdasynda elektron täjirçiligi, şol sanda sanly meýdançalar arkaly söwdany işjeň ulanmak we özleşdirmek hem-de halkara elektron söwdany düzgünleşdirýän milli kanunçylygy kämilleşdirmek;

ž) milli öndürijiler tarapyndan ISO sertifikatlarynyň degişli görnüşleriniň, şol sanda ISO 9001 (hil menejment ulgamy), ISO 14001 (ekologiýa menejment ulgamy), ISO 22000 (azyk önümleriniň howpsuzlygy menejment ulgamy), ISO 50001 (energetika menejmenti ulgamy), OHSAS 18001 (zähmetiň howpsuzlygy we saglygy goramak menejment ulgamy), SA 8000 (durmuş menejment ulgamy, zähmet şertlerini we işgärleriň ýaşaýyş derejesini gowulandyrmak) ýaly görnüşleriniň alynmagyny höweslendirmek;

k) serhetýaka söwdany höweslendirmek we ýardam bermek hem-de bu maksatlar üçin degişli söwda gurluşyny döretmek;

l) milli pulda söwdany höweslendirmek üçin amatly şertleri döretmek;

m) halkara telekeçiligini alyp barmak, şeýle hem halkara söwdany ösdürmek üçin häzirki zaman we innowasiýa gurallaryny işjeň ulanmak;

n) halkara söwdany ösdürmek babatynda ýurdumyz üçin bähbitli bolan döwletara, hökümetara we pudagara ylalaşyklaryny we halkara şertnamalaryny baglaşmak boýunça işleri yzygiderli geçirmek;

ň) Türkmenistanyň Bütindünýä söwda guramasyna agza bolmak baradaky meseleleri boýunça halkara guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk etmek we milli hünärmenleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak ugrunda halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek;

o) ösen we ösüp barýan ýurtlaryň, şol sanda sebit ýurtlarynyň Bütindünýä söwda guramasyna agza bolmagy bilen bagly tejribelerini öwrenmek;

ö) milli standartlaşdyryş ulgamyna halkara tejribesini ornaşdyrmagy dowam etdirmek;

p) harytlary we hyzmatlary sertifikatlaşdyryş ulgamyny döwrebaplaşdyrmak we ösdürmek, şeýle hem sertifikatlaşdyrmak boýunça degişli gulluklary halkara akkreditasiýasyndan geçirmek boýunça işleri alyp barmak;

r) hökmany we meýletin ugurlar boýunça laýyklyk sertifikatlaryny bermegiň tertibini kämilleşdirmek;

2) ýangyç-energetika ulgamyny:

a) energiýanyň beýleki görnüşlerine ählumumy geçilmegi bilen bagly wehimlere netijeli jogap bermäge ukyply döwrebap, çeýe we bäsleşige ukyply energetika ulgamyny döretmek;

b) halkara energetika bazarlarynyň hereket etmeginiň kadalaryny işläp taýýarlamakda Türkmenistanyň ornuny ýokarlandyrmak boýunça hemişelik esasda işleri geçirmek;

ç) sebitleýin we ählumumy energetika howpsuzlygyny pugtalandyrmak, energiýa serişdelerini öndüriji, üstaşyr geçiriji we sarp ediji ýurtlaryň bähbitleriniň deňagramlylygyny gazanmak hem-de olary eksport etmegiň diwersifisirlenen, durnukly we howpsuz ugurlaryny döretmek;

d) halkara bazarlarynda uglewodorod serişdeleriniň eksportyny giňeltmek we diwersifikasiýalaşdyrmak;

e) «Galkynyş» gaz käniniň nobatdaky tapgyrlaryny özleşdirmek, şeýle hem beýleki gaz we nebit känlerini işlemek bilen bagly taslamalara daşary ýurt maýalaryny çekmek;

ä) ulanylýan gaz we nebit ýataklarynda, öňdebaryjy tejribäni we tehnologiýany peýdalanmak bilen, gazyp almagy has-da netijeli etmek;

f) Hazar deňziniň türkmen bölegindäki geljegi uly bolan ygtyýarnamaly toplumlarda uglewodorod serişdelerini senagat taýdan özleşdirmek üçin daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça işi dowam etdirmek;

g) çuň gaýtadan işlenen we goşulan gymmaty ýokary bolan önümleri öndürýän gazy we nebiti gaýtadan işleýän kuwwatlyklary, şeýle hem gazy saklamak üçin niýetlenen desgalary gurmak (ekologiýa talaplaryny we meýilleri hasaba almak bilen);

h) «Türkmenistan – Owganystan – Päkistan – Hindistan» gaz geçirijisiniň gurluşygyny dowam etdirmek;

i) ýangyç-energetika pudagyna sanlylaşdyryş ulgamyny we energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça halkara hyzmatdaşlygyny ýola goýmak we ösdürmek;

j) metan zyňyndylaryny azaltmak babatynda halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmek boýunça gyzyklanma bildirýän daşary ýurt döwletleri, halkara guramalary we maliýe institutlary, şeýle hem kompaniýalar bilen işleri dowam etdirmek;

ž) Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň we Seýdiniň nebiti gaýtadan işleýän zawodynyň eksport mümkinçiliklerini artdyrmak;

k) degişli halkara şertnamalarynyň çäklerinde Türkmenistanyň uglewodorod serişdelerine baglylygyny pese düşürmek boýunça borçnamalaryny göz öňünde tutmak bilen, ösüş taslamalaryny meýilleşdirmekde we durmuşa geçirmekde ekologiýa ýetirilýän zyýany azaltmak boýunça işleri işjeňleşdirmek;

l) özara tejribe alyşmak we hünärmenleri taýýarlamak boýunça giň halkara hyzmatdaşlygyny ýola goýmak;

3) elektroenergetikany:

a) elektrik energiýasyny öndürýän täze kuwwatlyklary işe girizmek, şeýle hem elektrik geçiriji ulgamlary giňeltmek we döwrebaplaşdyrmak boýunça işleri dowam etdirmek;

b) hereket edýän elektrik beketleriniň önümçiligini artdyrmak we olaryň işiniň netijeliligini has-da kämilleşdirmek;

ç) elektrik energiýasyny eksport etmek üçin täze daşary ýurt bazarlaryny öwrenmek boýunça işleri dowam etdirmek;

d) gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri, aýratyn hem gün we ýel energetikasy pudagynda netijeli halkara hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek;

e) pudaga daşary ýurt maýa goýumlaryny we innowasion tehnologiýalary çekmek;

ä) energetika desgalarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak we howa goýberilýän zyýanly zyňyndylary azaltmak maksady bilen, elektrik energiýasyny öndürýän stansiýalary kombinirlenen usulda işlemäge geçirmek boýunça işleri dowam etdirmek;

f) «Türkmenistan – Owganystan – Päkistan» güýjenmesi 500 kilowolt bolan elektrik geçiriji ulgamyň gurluşygyny dowam etdirmek hem-de Hazar deňziniň kenarynda utgaşykly dolanyşykda işleýän elektrik stansiýasyny gurmak taslamasyny durmuşa geçirmek, bu taslama geljekde elektrik energiýasyny Azerbaýjanyň we Türkiýäniň üstüni bilen Ýewropa ýurtlaryna ibermäge mümkinçilik berer;

g) pudaga sanly maglumat we döwrebap tehnologik ulgamlaryny ornaşdyrmak;

4) senagaty:

a) halkara senagat hyzmatdaşlygyny işjeň ösdürmek;

b) Türkmenistany tebigy-çig mal serişdelerini öndürýän ýurtdan senagat-önümçilik taýdan ösen ýurda öwürmek babatda halkara hyzmatdaşlaryny çekmek boýunça işleri dowam etdirmek;

ç) gurluşyk harytlary, dokma, ýeňil we azyk senagaty, oba hojalygy, maşyn gurluşyk we beýleki pudaklarda senagaty döwrebaplaşdyrmak we pugtalandyrmak;

d) çuň gaýtadan işleýän we goşulan gymmaty ýokary bolan önümleri öndürýän senagat kuwwatlyklaryny gurmagy dowam etdirmek;

e) daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bilelikde ylmy köp talap edýän önümleri (elektrotehniki, stanok gurluşyk, maşyn gurluşyk we beýlekiler) we innowasion önümleri öndürýän kärhanalary döretmek;

ä) senagat pudaklaryna amatly şertlerde daşary ýurt maýa goýumlaryny, şeýle hem daşary ýurt täjirçilik banklaryndan we halkara maliýe institutlaryndan karz serişdelerini çekmek;

f) serhetdeş döwletleriň ykdysadyýetleriniň zerurlyklaryny göz öňünde tutmak bilen, serhetýaka çäklerde önümçilik ulgamlaryny ösdürmek;

g) senagatyň ähli pudaklaryna energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalary işjeň ornaşdyrmak hem-de önümçiliklerde ekologiýa taýdan arassa energiýa serişdeleriniň sarp edilmegini gazanmak;

h) tehnologiýa taýdan döwrebaplaşdyrmak we olaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak üçin gaýtadan işleýän senagat pudaklaryna daşary ýurtlaryň öňdebaryjy tehnologiýalarynyň çekilmegini höweslendirmek;

i) türkmen kompaniýalarynyň daşary ýurt bazarlarynda üstünlikli iş alyp barýan daşary ýurt kompaniýalary bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmagyny höweslendirmek, şeýle hem olara ýeňillikli söwda ylalaşyklaryny ulanmak;

j) senagat hyzmatdaşlygy babatda halkara şertnamalarynyň baglaşylmagyny ilerletmek we höweslendirmek;

5) himiýa senagatyny:

a) hereket edýän we himiýa önümlerini öndürýän önümçilik kärhanalarynyň, şol sanda Gyýanlydaky polimer zawodynyň, Ahaldaky gazdan benzin öndürýän zawodyň, «Garabogazkarbamid» zawodynyň, «Marykarbamid» zawodynyň, «Maryazot» önümçilik birleşiginiň, Türkmenabadyň S.A.Nyýazow adyndaky himiýa zawodynyň, «Garlykdaky kaliý dag-magdan toplumynyň», «Tejenkarbamid» zawodynyň önümçiliklerini artdyrmak hem-de kuwwatlyklarynyň has-da netijeli ulanylmagyny gazanmak;

b) täze önümçilik kuwwatlyklarynyň gurluşygyna, şeýle hem ýataklary özleşdirmek işlerine daşary ýurt maýa goýumlaryny we tehnologiýalaryny işjeň çekmek;

ç) Garabogazköl aýlagynyň mineral-çig mal binýadyny, şeýle hem beýleki peýdaly minerallaryň ýataklaryny işjeň özleşdirmek boýunça işleri dowam etdirmek;

d) himiýa önümleriniň eksportynyň geografiýasyny we ugurlaryny giňeltmek;

e) himiýa önümleri öndürilende we peýdaly minerallaryň ýataklary özleşdirilende ekologiýa ýetirilýän zyýany azaltmak üçin innowasion çözgütleri ulanmak;

ä) pudaga sanly tehnologiýalary işjeň ornaşdyrmak;

f) önümçilik kuwwatlyklary gurlanda we peýdaly minerallaryň ýataklary özleşdirilende döwlet-hususy hyzmatdaşlyk ýörelgeleriniň ulanylmagyny höweslendirmek;

g) pudaga ýeňillikli şertlerde karz serişdelerini çekmek üçin halkara maliýe institutlary we daşary ýurtlaryň täjirçilik banklary bilen giň hyzmatdaşlygy ýola goýmak we ösdürmek;

h) bilelikde ylmy barlaglary geçirmek we ýokary hünär derejeli hünärmenleri taýýarlamak üçin daşary ýurtlaryň ylmy-barlag we bilim edaralary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek;

6) ulag-logistika ulgamyny:

a) Türkmenistanyň sebitleýin we ählumumy ulag ulgamyna sazlaşykly goşulyşmagyny gazanmak hem-de milli ykdysadyýetiň üstaşyr geçirijilik mümkinçiligini durmuşa geçirmek;

b) sebitleýin we yklym ähmiýeti bolan täze üstaşyr ýollary emele getirmegiň çäklerinde Ýewropa we Aziýa ugurlary boýunça halkara ulag geçelgelerini ösdürmegiň umumy strategiýasyny işläp taýýarlamaga Türkmenistanyň gatnaşmagyny üpjün etmek;

ç) «Türkmenistan – Beýik ýüpek ýolunyň ýüregi» strategiýasynyň mümkinçiligine daýanyp, Türkmenistany Gündogar–Günbatar we Demirgazyk–Günorta gatnaw ýollarynyň ugurlarynda yklym üsti ulag-üstaşyr merkezine öwürmek boýunça işleri dowam etdirmek, şeýle hem «açyk asman» düzgüni hem-de Türkmenistanyň we daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň infrastruktura başlangyçlaryny durmuşa geçirmek;

d) Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyçlary esasynda öňe sürlen ulag-logistika taslamalaryny halkara derejesinde ilerletmek hem-de ýurt üçin bähbitli halkara ulag bileleşiklerini emele getirmek;

e) Türkmenistanyň ulag geçelgeleriniň bäsdeşlige ukyplylygyny we özüne çekijiligini ýokarlandyrmak arkaly Ýewropa bilen Aziýanyň arasyndaky ulag akymlarynyň köp bölegini ýurduň üstaşyr geçelgelerine gönükdirmek;

ä) Türkmenistanyň köp görnüşli (multimodal) ulag geçelgeleriniň goňşy döwletleriň ulag ulgamlary bilen özara baglanyşygyny üpjün etmek;

f) ulag infrastrukturasynyň ösüşini energetika, himiýa senagaty, aragatnaşyk we beýleki ulgamlaýyn pudaklaryň ösüşi bilen utgaşdyrmak;

g) ulag-logistika infrastrukturasyny ösdürmek boýunça taslamalar meýilleşdirilende we durmuşa geçirilende ulagyň ekologiýa ýetirýän zyýanyny azaltmak maksady bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly Ösüş Maksatlaryna, şeýle hem Howa boýunça Pariž ylalaşygynyň çäklerinde Türkmenistanyň uglewodorod serişdelerine baglylygyny pese düşürmek boýunça borçnamalaryna laýyklykda, olaryň Durnukly Ösüş Maksatlaryna edýän täsirini hasaba almak;

h) ulag-logistika ulgamyny meýilleşdirmegiň, ösdürmegiň we ony durmuşa geçirmegiň ähli tapgyrlarynda «ýaşyl» ösüş ýörelgesini işjeň ornaşdyrmak hem-de daşky gurşawy goramagy we adamyň ýaşaýyş-durmuş howpsuzlygyny üpjün etmek;

i) Türkmenistanyň döwlet ulag-logistika syýasaty durmuşa geçirilende daşary ykdysady işe gatnaşyjylaryň zerurlyklaryna laýyk getirmek boýunça işleri yzygiderli alyp barmak;

j) ulag hyzmatlarynyň halkara bazarlarynda hereket edýän düzgünlerden ugur alyp, ulag babatynda kanunçylyk namalaryny, standartlary we ulag resminamalaryny kämilleşdirmek we olar bilen yzygiderli utgaşdyrmak;

ž) üstaşyr ýükleriň goşmaça möçberlerini çekmek we üznüksiz köp görnüşli (multimodal) daşamalary üpjün etmek üçin serhetýaka merkezlerini we menzil ulgamlaryny ösdürmek;

k) halkara ulag-üstaşyr geçelgeleriniň, logistika ulag menzilleriň we geçiriş nokatlarynyň geçirijilik ukybyny ýokarlandyrmak;

l) Türkmenistanyň döwlet serhedinden adamlar, ýükler we ulag serişdeleri geçende resmileşdirmek üçin zerur bolan amallaryň tiz we netijeli ýerine ýetirilmegini üpjün edýän häzirki zaman tehnologiýalaryny işläp düzmek we ornaşdyrmak;

m) gümrük gözegçiliginiň (barlagyň) we gümrük taýdan resmileşdirmegiň düzgünlerini yzygiderli kämilleşdirmek hem-de olary dünýä tejribesine laýyk getirmek;

n) köp görnüşli (multimodal) üstaşyr daşamalaryny ösdürmäge gönükdirilen maýa goýum taslamalarynyň, şol sanda halkara taslamalarynyň durmuşa geçirilmegine ýardam bermek;

ň) üstaşyr ýükleriň daşalyşyny tizleşdirmek, olaryň goragly saklanmagyny kepillendirmegi üpjün etmek, edilýän hyzmatlaryň hilini umumylykda ýokarlandyrmak maksady bilen, logistika tehnologiýalaryny, maglumat ulgamlaryny hem-de üstaşyr daşamalaryň ähli ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek;

o) milli ulag-ekspedisiýa düzümleriň (operatorlaryň) döredilmegini höweslendirmek;

ö) ýurduň ähli ulag-logistika ulgamynyň halkara bazarynda bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmek maksady bilen, nyrh (tarif) syýasaty boýunça täze usullary işläp taýýarlamak we hereket edýänlerini kämilleşdirmek;

p) Türkmenistanyň howa giňişliginden geçýän üstaşyr howa geçelgelerinde ykdysady düzgünleri tehniki döwrebaplaşdyrmak we kämilleşdirmek;

r) Türkmenistanyň ulag mümkinçiliginden peýdalanmaga gönükdirilen taslamalar durmuşa geçirilende döwlet hem-de hususy maýa goýujylary çekmegiň ykdysady usullaryny işläp taýýarlamak;

s) esasy ulag geçelgeleriniň ugrunda we demir ýol ulgamynda bar bolan üstaşyr konteýner menzilleriň kuwwatyny artdyrmak we goşmaça kuwwatlyklary döretmek;

ş) daşary söwdanyň, üstaşyr daşamalaryň we ýükleýiş-düşüriş hyzmatlarynyň esasy konteýner akymlaryny çekmek üçin portlarda erkin ykdysady zolaklary döretmek meselesini öwrenmek;

t) Türkmenistanyň çäginden geçýän esasy ulag geçelgeleri boýunça konteýnerleriň üstaşyr geçirilmegine gönükdirilen hem-de halkara konteýner daşalyş bazarynda işjeň orun tutmaga niýetlenen milli konteýner operatorlarynyň döredilmegini höweslendirmek;

u) halkara konteýner ýük daşamalarynda ulanylýan gümrük tehnologiýalaryny kämilleşdirmek;

ü) konteýner ýük daşamalaryna we howply ýüklere gözegçilik ediş (yzyrlamak) ulgamlaryny döretmek, şeýle hem ulag daşamalarynyň ähli gatnaşyjylary üçin hemra aragatnaşygy we nawigasiýa ulgamlarynyň hyzmatlaryny ornaşdyrmak;

w) ulagyň dürli görnüşlerine petekleri sargyt etmegiň we satmagyň täze goşmaça birikdirilen ulgamlaryny döretmek we bar bolanlaryny kämilleşdirmek hem-de ulagyň bir görnüşinden beýlekisine geçilende gatnawlaryň «utgaşdyrylmagyny» üpjün etmek;

y) ulag serişdeleriniň ähli görnüşleriniň ugurdaş we gaýdyşyn ýükli bolmagyny üpjün etmek üçin milli utgaşdyrylan maglumat-habar beriş ulgamyny döretmek;

ý) ulag serişdeleriniň, şol sanda ýük awtomobilleriniň, demir ýol, deňiz we howa ulaglarynyň milli enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak we olaryň sanyny artdyrmak;

z) ulag, logistika we üstaşyr ýük daşamalar babatynda degişli halkara guramalary we halkara maliýe institutlary, şeýle hem gyzyklanma bildirýän daşary ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek;

ulag infrastrukturasyny döretmekde we ulanmakda döwlet-hususy hyzmatdaşlygyny, ilkinji nobatda bolsa, konsessiýa ýörelgeleri esasynda ösdürmek;

raýat awiasiýasy ulgamynda döwrebap dolandyryş görnüşlerini we ulgamlaryny ornaşdyrmak, şol sanda dünýä meýillerine we ülňülerine laýyklykda pudagyň kärhanalarynyň işini has-da netijeli guramak we özgertmek, awiadaşamalar bazarynda bäsdeşligi ösdürmek we pudaga maýa goýumlaryny çekmek üçin şertleri döretmek;

howa gämilerini netijeli peýdalanmak hem-de täze gatnaw ugurlaryny özleşdirmek we uçuşlaryň geografiýasyny giňeltmek;

önümçilik işlerini dolandyrmagyň döwrebap ulgamlaryny we tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, şeýle hem milli awia parky döwrebaplaşdyrmak, tehnologiki gaýtadan enjamlaşdyrmak we täzelemek;

raýat howa gämilerinde ýolagçylara edilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak hem-de awiasiýa tehnikasyna, şol sanda daşary ýurt awiakompaniýalaryna tehniki taýdan hyzmat etmek boýunça işleri kämilleşdirmek;

ýurduň howa menzilleriniň iş ýüküni daşary ýurt awiakompaniýalaryny işjeň çekmek arkaly ýokarlandyrmak üçin çäreleri yzygiderli geçirmek;

milli awiakompaniýanyň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmek maksady bilen, ýolagçylary gatnatmak, ýükleri, poçtany we goşlary daşamak babatynda çeýe nyrh syýasatyny alyp barmak;

uçuşlar amala aşyrylanda howpsuzlygyň ýokary derejesini üpjün etmek;

milli howa ýollary gullugyny halkara awia kompaniýalaryň bileleşiklerine goşmak hem-de howa ýollary gatnawynda sebitde öňdebaryjy orny gazanmak;

howa menzilleriniň infrastrukturasyny kämilleşdirmek üçin maýa goýumlaryny çekmek hem-de bu ugurda döwlet-hususy hyzmatdaşlygy ýörelgelerini ulanmak we howa menzillerini dolandyrmak boýunça öňdebaryjy halkara kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygy alyp barmak;

ýurduň howa menzillerinde awiadaşaýjylaryň ýolagçylara hyzmat etmegiň ýokary derejesini saklamak hem-de olar babatda zerur bolan ähli amatly şertleri döretmek;

howa menzilleriniň degişli gulluklarynyň netijeli işlemegini üpjün etmek hem-de ýolagçylara, ýüklere, poçta we goşlara hyzmat edilişini amatly guramak;

ýurduň howa menzillerinde ýolagçylara söwda, jemgyýetçilik iýmiti, bank hyzmaty we hyzmatlaryň başga görnüşlerini hödürleýän döwrebap ulgamlary giňeltmek hem-de bu ugurda döwlet-hususy hyzmatdaşlygyny ulanmagyny;

7) maglumat-tehnologik hyzmatdaşlyk:

a) maglumat tehnologiýalary ulgamynda, aýratyn hem, ykdysadyýeti sanlylaşdyrmak babatynda halkara hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek we giňeltmek;

b) ählumumy sanlylaşdyrmak işine işjeň gatnaşyja öwrülmekde ýurduň mümkinçiliklerini doly derejede ösdürmek;

ç) milli bähbitlerden ugur alyp, maglumat tehnologiýalary ulgamynda ählumumy gün tertibini emele getirmäge täsir etmek üçin, Türkmenistanyň bütindünýä ylmy-tehnologik hyzmatdaşlyk boýunça halkara guramalaryna we halkara ylalaşyklaryna işjeň gatnaşmagyny gazanmak;

d) maglumat tehnologiýalary ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny ýola goýmak we ösdürmek üçin milli kanunçylygy kämilleşdirmek, şeýle hem höweslendiriji çäreleri ornaşdyrmak;

e) maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary ulanylanda ulgamyň howpsuzlygyny üpjün etmek babatynda halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmek;

ä) Türkmenistanyň dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak bilen, milli ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda maglumat tehnologiýalaryny ornaşdyrmak üçin amatly şertleri döretmek;

f) Ylymlar akademiýasynyň Halkara ylmy-tehnologiýa parky, şeýle hem Türkmenistanyň beýleki ugurdaş döwlet edaralary tarapyndan öňdebaryjy ýurtlar we dünýäniň iri tehnologik kompaniýalary bilen halkara ylmy-tehnologik hyzmatdaşlygy giňeltmek we pugtalandyrmak;

g) emeli aň, uly maglumatlar binýady (Big Data), kwant tehnologiýalary we kiberhowpsuzlyk babatynda halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak;

h) maglumat tehnologiýalary ulgamynda ýerli başlangyçlary (startup) we innowasion taslamalary höweslendirmek we goldaw bermek hem-de olar üçin amatly ekoulgamy döretmek, şol sanda daşarky bazarlara çykmagyň düzgünlerini ýönekeýleşdirmek;

i) ýerli işläp düzüjileriň ýöriteleşdirilen halkara sergilerine, maslahatlaryna, forumlaryna gatnaşmagyny üpjün etmek;

j) ýurtda daşary ykdysady işi üpjün etmäge ukyply sanly hyzmatlar ulgamyny ösdürmek;

ž) bilim, tehnologiýa we tejribe alyşmak maksady bilen, dünýäniň öňdebaryjy ylmy-barlag merkezleri we ýokary okuw mekdepleri bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek, şeýle hem ýurduň ylmy we bilim edaralarynyň maglumat tehnologiýalary (IT) pudagynda bilelikdäki halkara ylmy-barlag we bilim taslamalaryna işjeň gatnaşmagyny üpjün etmek;

k) daşary ykdysady işiň ýeke-täk sanly ulgamyny döretmek;

8) syýahatçylygy:

a) syýahatçylyk ulgamyny milli ykdysadyýetiň möhüm pudaklarynyň birine öwürmek boýunça ähli zerur çäreleri görmek;

b) syýahatçylyk işi bilen bagly kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kämilleşdirmek, syýahatçylyk pudagyny ösdürmek üçin amatly şertleri döretmäge gönükdirilen halkara kadalaryny we ülňülerini ornaşdyrmak;

ç) wiza düzgünini mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça çäreleri tapgyrlaýyn esasda, şol sanda bu işe maglumat tehnologiýalaryny ornaşdyrmak arkaly amala aşyrmak;

d) syýahatçylyk pudagyna hususy bölegi çekmek we telekeçilik işjeňligini höweslendirmek boýunça salgylaýyn çäreleri durmuşa geçirmek hem-de pudakda döwlet-hususy hyzmatdaşlyk ýörelgelerini ornaşdyrmak we giňden peýdalanmak;

e) ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda syýahatçylygy we oňa degişli infrastrukturalary syýahatçylaryň isleglerini we talaplaryny nazara almak bilen ösdürmek;

ä) syýahatçylyk hyzmatlarynyň dürlüligini, hilini üpjün etmek we möçberini artdyrmak, dünýä bazarynyň iri wekillerini (brendleri) çekmek hem-de bu pudaga daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegini artdyrmak;

f) welaýatara we halkara gatnawlarynda howa, demir ýol we awtomobil ulaglaryny öz içine alýan ýolagçylar üçin oňaýly we elýeterli ulag-logistika hyzmatlaryny üpjün etmek boýunça çäreleri durmuşa geçirmek;

g) syýahatçylyk ugurlaryny ulgamlaşdyrmak we olary pasportlaşdyrmagy geçirmek, syýahatçylyk ugurlarynyň we syýahatçylara görkezilýän obýektleriň bitewi maglumat binýadyny emele getirmek;

h) ýylyň islendik wagtynda dürli-dürli, özüne çekiji we bäsdeşlige ukyply syýahatçylyk önümini döretmek üçin syýahatçylygyň has isleg bildirilýän görnüşlerini (zyýarat, öwrenmek, ekologiýa, etnografiýa, gastronomiýa, sport, bejeriş-sagaldyş, oba, senagat, işewürlik syýahatçylygy we beýlekiler) nazara alyp, täze syýahatçylyk maksatnamalaryny işläp taýýarlamak;

i) ýurduň içinde syýahatçylyk hyzmatlaryna bolan islegleri kanagatlandyrmaga gönükdirilen syýahatçylyk işiniň subýektleriniň işjeňligini höweslendirmegi üpjün edýän içerki syýahatçylygy ösdürmek;

j) Türkmenistanyň milli syýahatçylyk brendini (tanalýan nyşanyny) döretmek;

ž) ýöriteleşdirilen sergileri goldamak we ulgamlaşdyrmak;

k) ýurduň içinde we daşary ýurtlarda abraýly mahabat-maglumat çärelerini geçirmek;

l) syýahatçylyk pudagynda ýokary hünär derejeli hünärmenleri taýýarlaýyş, hyzmat edýän işgärleri gaýtadan taýýarlaýyş we hünäri ýokarlandyryş ulgamyny kämilleşdirmek;

m) syýahatçylyk pudagyny ösdürmäge ýardam edýän giňişleýin we sebitleýin başlangyçlara işjeň gatnaşmak.

## IV bap. Maksatnamanyň durmuşa geçirilmeginden garaşylýan netijeler

Maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi daşary ykdysady gatnaşyklaryň ösmegine, milli ykdysadyýete daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegine, döwrebap tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagyna, eksporta niýetlenen we importyň ornuny tutmaga gönükdirilen önümçilikleriň ösdürilmegine, ýurduň halkara abraýynyň has-da pugtalandyrylmaga we ykdysadyýeti ösdürmekde ýokary sepgitleriň ýetilmegine ýardam eder.

Maksatnama ýurduň bütindünýä ykdysady ulgamyna goşulyşmagynyň ugurlarynyň amaly taýdan maksadalaýyklygyny kesgitlemäge hem-de ýurduň dünýä bazaryndaky bäsdeşlik ukybyny ýokarlandyrmak üçin daşary ykdysady işiň görnüşleriniň artykmaçlyklaryndan doly möçberde peýdalanmaga mümkinçilik berer.

Söwda-syýasy gurallary ulanmak arkaly milli harytlaryň we hyzmatlaryň daşary ýurt bazarlaryna çykmagy üçin şertler gowulanar.

Maksatnama milli ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmak wezipelerini nazara almak bilen, daşary ýurt döwletleri, halkara ykdysady guramalary we maliýe institutlary bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmäge hem-de pugtalandyrmaga mümkinçilik berer.

Daşary ykdysady işi düzgünleşdirýän milli kanunçylyk binýady mundan beýläk-de kämilleşdirmäge hem-de diwersifikasiýalaşdyrmak arkaly daşary ykdysady gatnaşyklary ösdürmek üçin amatly hukuk, dolandyryş we maliýe gurşawyny kemala getirmäge we yzygiderli kämilleşdirmäge itergi berer. Şeýle hem, sergi-ýarmarka işini kämilleşdirmäge ýadam eder.

Senagat-innowasion ösüşe, «ýaşyl», aýlawly (sirkulýar) hem-de sanly ykdysadyýete geçiş tizleşdiriler, şeýle hem milli ykdysadyýetiň durnukly we strategik ösüşini üpjün etmek maksady bilen, ýokary tehnologiýaly hem-de ylma esaslanýan önümçilikler döredilер, energetika we mineral serişdelerini netijeli ulanmak üçin innowasion gurallar ornaşdyrylar, önümçilik hem-de ulag-logistika ulgamlary ösdüriler.

Türkmenistanyň halkara ykdysady ulgamyna goşulyşmagy pugtalanar, halkara ykdysady guramalaryň işlerine, forumlara we ylalaşyklara işjeň gatnaşmagy üpjün ediler, şeýle hem Türkmenistanyň halkara abraýynyň has-da artmagyna we milli ykdysadyýete göni daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegine ýardam eder.

Maksatnama täze iş orunlarynyň döredilmegine, zähmet şertleriniň gowulandyrylmagyna we daşky gurşawa ýetirilýän ýaramaz täsirleriň azalmagyna gönüden-göni ýardam eder.

Mundan başga-da, Maksatnama ähli döwlet edaralaryna we hususy bölege Türkmenistanyň bitewi we merkezleşdirilen daşary ykdysady syýasaty alyp barmaga mümkinçilik berer hem-de olara daşary ykdysady işi meýilleşdirmäge, utgaşdyrmaga we gözegçilik etmäge ýardam berer.

## V bap. Türkmenistanyň daşary ykdysady işini amala aşyrmagyň usullary we gurallary

Ýurduň daşary ykdysady bähbitlerini öňe sürmek Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan we esasy ugurlarynyň biri bolar.

Daşary ykdysady iş döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary, hususy bölek we beýleki gatnaşyjylar tarapyndan amala aşyrylar.

Türkmenistan dünýäniň ähli gyzyklanýan ýurtlary babatynda işjeň söwda-ykdysady syýasaty alyp barar. Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk meseleleri ähli derejedäki ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň gün tertibiniň möhüm ugurlarynyň biri bolar.

Ýurdumyz daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen oňyn gatnaşygyň täze ýollaryny we görnüşlerini tapmagy özüne wezipe ediner. Şu maksat bilen, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ähli elýeterli usullary we meýdançalary giňden peýdalanylar.

Türkmenistanyň Hökümeti daşary ýurt döwletleri we guramalary bilen daşary ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmek we düzgünleşdirmek maksady bilen, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn halkara şertnamalaryny baglaşmak hem-de halkara guramalarynyň işine gatnaşmak we halkara konwensiýalaryna goşulyşmak boýunça degişli çäreleri görer.

Bar bolan hyzmatdaşlar, ilkinji nobatda, goňşy ýurtlar we Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna agza ýurtlar bilen söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň ähli ugurlaryny giňeltmek maksady bilen, hereket edýän usullar we gurallar babatda täzeçe çemeleşmeler ulanylar.

Aziýa-Ýuwaş ummany sebitiniň ýurtlary, Pars aýlagynyň hem-de Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary bilen gatnaşyklarda göni maýa goýumlaryny we tehnologiýalary çekmek, ýangyç-energetika pudagynda hyzmatdaşlyk, senagat-tehnologik babatda özara

hyzmatdaşlyk, maliýe hem-de maglumat tehnologiýalary ulgamlary ýaly ugurlara täzeden aýratyn ähmiýet berler. Demirgazyk we Latyn Amerika döwletleri, şeýle hem Afrika ýurtlary bilen söwda-ykdysady gatnaşyklarda düýpli we innowasion hyzmatdaşlyga üns berler.

Türkmenistan ykdysady ugurdaky abraýly halkara guramalary we maliýe institutlary bilen işjeň hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak we giňeltmek üçin ähli zerur çäreleri geçirer. Ýurduň Bütindünýä söwda guramasyna agza bolmak ugrunda alyp barýan işlerinde bu Gurama bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge aýratyn üns berler.

Daşary ýurt döwletleri bilen söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara toparlary (komitetler, geňeşler, forumlar) Türkmenistanyň ykdysady bähbitlerini öňe sürmegiň möhüm gurallarynyň biri bolar hem-de döwlet bilen işewürleriň özara gatnaşygyny utgaşdyrmaga, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen özara gyzyklandyrýan meseleleri bilelikde çözmäge ýardam berer.

Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça ikitaraplaýyn hökümetara toparlaryň işinde daşary ykdysady işi ösdürmegiň möhüm gurallarynyň biri hökmünde anyk netijeleri gazanmaga gönükdirilen mazmunly we innowasion häsiýet berler.

Türkmenistan oňyn netije berýändigini nazara alyp, dünýäniň ähli gyzyklanma bildirýän ýurtlary bilen şunuň ýaly hemişelik esasda işleýän gurallary döretmek boýunça zerur işleri işjeň geçirer.

Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky söwda öýleriniň we söwda wekillikleriniň işini kämilleşdirmek we işjeňleşdirmek boýunça çäreler geçiriler. Şeýle hem, zerurlyklardan ugur alnyp, olaryň sanyny artdyrmak boýunça işler dowam etdiriler.

Türkmenistan halkara işewürligini alyp barmagyň häzirki zaman we innowasion gurallaryny işjeň ornaşdyrar.

Ýurdumyz daşary ykdysady işi ösdürmäge ýardam berýän ählumumy we sebitleýin başlangyçlara hem-de taslamalara işjeň gatnaşar.

Türkmenistan bazary öwreniş çärelerini, şol sanda halkara sergilerini guramak we işjeň gatnaşmak hem-de söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyny ösdürmek üçin elýeterli bolan ähli sanly meýdançalary ulanmak boýunça işleri ulgamlaýyn esasda alyp barar.

Internet giňişligini daşary ykdysady işi giňeltmegiň netijeli guralyna öwürmekde höweslendiriji we goldaw bermek çäreleri ornaşdyrylar.

Hususy bölegiň ägirt uly ukyby, başarnyklary ýurduň daşary ykdysady mümkinçiliklerini doly derejede ösdürmäge gönükdiriler.

## VI bap. Türkmenistanyň daşary ykdysady işi amala aşyrylanda köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk

Türkmenistanyň daşary ykdysady işi amala aşyranda Birleşen Milletler Guramasy we onuň ugurdaş ýöriteleşdirilen agentlikleri, şeýle hem beýleki halkara we sebitleýin ykdysady guramalary bilen hyzmatdaşlyga uly üns berer.

Halkara maliýe institutlary bilen hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga möhüm orun berler.

Milli bähbitlerden ugur alnyp, Türkmenistanyň köptaraplaýyn halkara konwensiýalaryna we şertnamalaryna goşulyşmagy boýunça işler yzygiderli alnyp barlar.

Türkmenistanyň Bütindünýä söwda guramasyna agza bolmagy ugrunda alnyp barylýan işleriň çäklerinde, bu Gurama bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak aýratyn gözegçilikde saklanar.

## VII bap. Türkmenistanyň daşary ykdysady işine maglumat goldawyny bermek

Ykdysady umumylaşmanyň häzirki şertlerinde daşary ykdysady işiň netijeli we üstünlikli bolmagy köp derejede dogry ýola goýlan maglumat üpjünçiligine bagly bolup durýar.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda daşary ykdysady işe gatnaşyjylary halkara bazarynda işewürligi üstünlikli alyp barmaklary üçin zerur bolan zerur maglumatlar bilen üpjün etmek boýunça çäreler toplumy kabul ediler. Daşary ykdysady işe gatnaşyjylara eksport-import amallary babatda, şol sanda hyzmatdaşlary gözlemek, şertnamalary baglaşmak, gümrük taýdan resmileşdirmek, logistika we beýleki hyzmatlar boýunça giň gerimli maglumatlary bermek işi ulgamlaýyn esasda ýola goýlar.

Türkmenistanyň Hökümeti Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň üsti bilen beýleki döwletler bilen daşary ykdysady işe gatnaşyjylar üçin zerur bolan maglumatlary alyşmak boýunça işleri ýola goýar we pugtalandyrar. Bu işe Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik we konsullyk edaralary işjeň goşulyşar.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi beýleki ugurdaş ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen bilelikde daşary ýurt habar beriş serişdelerinde we işewürler toparlarynyň arasynda milli ykdysadyýetiň mümkinçiliklerini ýaýmak boýunça işleri yzygiderli alyp barar hem-de ýurduň içinde we daşary ýurtlarda ýurduň daşary ykdysady syýasatyna bagyşlanan dürli çäreleri gurar.

Degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ulgamynda gazanylan üstünlikleri daşary ýurt döwletleriň giň jemgyýetçiligine ýetirmek boýunça işleri ýola goýar.

Maglumat-habar beriş www.invest.gov.tm saýtynyň, şeýle hem ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň maglumat saýtlarynyň işi kämilleşdiriler.

Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy hem-de Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi tarapyndan türkmen kärhanalarynyň bitewi elektron sanawyny, şeýle hem daşary ykdysady işe ýardam edýän beýleki sanly we maglumat portallaryny döretmek mümkinçiligi öwreniler.

## VIII bap. Daşary syýasy goldaw

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi ýurduň daşary ykdysady işi, halkara hyzmatdaşlygy üçin amatly daşarky şertleri döretmek hem-de Maksatnamany üstünlikli durmuşa geçirmek boýunça işlerini dowam etdirer.

Ýurdumyzyň daşary syýasatyny alyp barýan ygtyýarly edara hökmünde Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi Türkmenistanyň Prezidentiniň halkara daşary ykdysady başlangyçlaryny öňe sürmek, dünýäniň ähli ýurtlary bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary ýola goýmak we pugtalandyrmak, ýurduň döwlet edaralarynyň we beýleki ýuridik şahslarynyň daşary ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça işlerini utgaşdyrmagy amala aşyrmak boýunça çäreleri işjeň alyp barar.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi halkara we sebitdäki ýagdaýlardan ugur almak bilen, Türkmenistanyň Prezidentine we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine degişli teklipleri berer, öz ygtyýarlyklarynyň çäginde ýurduň halkara şertnamalarynyň we borçnamalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi we işleri amala aşyrar hem-de daşary ýurtlarda ýurduň ykdysady bähbitlerini öňe sürmek boýunça ähli zerur çäreleri öňe sürer we geçirer.

Daşary ykdysady ulgamda halkara şertnama-hukuk binýadyny pugtalandyrmak boýunça işler hem dowam etdiriler.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi halkara we sebit derejesinde söwda, ykdysady we maýa goýum hyzmatdaşlygyny ösdürmäge ýardam eder, şol sanda bu işler Türkmenistanyň her ýylky maýa goýum forumynyň, şeýle hem ýurduň çäginde guralýan beýleki ugurdaş sergileriň we ýarmarkalaryň binýadynda amala aşyrylar.

Türkmenistanda «ýaşyl» we aýlawly (sirkulýar) ykdysadyýete geçmek boýunça konsepsiýany durmuşa geçirmek üçin amatly daşarky şertler üpjün ediler, şeýle hem innowasion we senagatlaşma işiniň möhüm bölegi hökmünde öňdebaryjy daşary ýurt tehnologiýalarynyň Türkmenistanda ornaşdyrylmagyna ýardam etmek hem-de milli ykdysadyýeti düzümleýin özgertmek işlerine halkara serişdelerini we mümkinçiliklerini çekmek boýunça çäreler dowam etdiriler.

## IX bap. Daşary ykdysady işiň amala aşyrylyşyna gözegçilik

Türkmenistanda daşary ykdysady iş döwlet häkimiýet edaralarynyň hem-de beýleki ýuridik şahslaryň gatnaşmagynda ulgamlaýyn esasda alnyp barlar.

Ýurdumyzyň milli ykdysady subýektleri hem-de daşary ýurtly ykdysady subýektler tarapyndan ýurdumyzda daşary ykdysady işiň amala aşyrylmagy üçin döwlet derejesinde ähli zerur şertler döredildi.

Ýeke-täk döwlet daşary ykdysady işi alyp barmak, iş ýüzünde durmuşa geçirmek we işiň bu möhüm ugruna ulgamlaýyn çemeleşmäni üpjün etmek maksady bilen, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, şeýle hem beýleki jogapkär

taraplar senenama ýylynyň 5-nji ýanwaryna çenli Daşary ykdysady işi ösdürmek boýunça ýyllyk iş meýilnamalaryny işläp taýýarlaýarlar we tassyklaýarlar. Ýyllyk iş meýilnamalarynda anyk çäreler we olaryň her biriniň ýerine ýetirilmeli möhletleri, ýerine ýetirilmegi üçin jogapkärler görkezilýär hem-de ýyllyk meýilnamalar tablisa görnüşinde düzülýär.

Her ministrlik we pudaklaýyn dolandyryş edarasy, şeýle hem beýleki jogapkär taraplar her ýyl senenama ýylynyň ortasynda (30-njy iýuna çenli) we senenama ýylynyň ahyrynda (31-nji dekabra çenli) daşary ykdysady işi ösdürmek boýunça ýyllyk iş meýilnamalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrýarlar we bu barada hasabat düzýärler. Ýerine ýetirilişi barada hasabat tablisa görnüşinde düzülýär we hasabat ýyllyk iş meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi boýunça anyk maglumatlary öz içine alýar.

Daşary ykdysady işi ösdürmek boýunça ýyllyk iş meýilnamasy her ýyl (her ýylyň 10-njy ýanwaryna çenli) we daşary ykdysady işi ösdürmek boýunça ýyllyk iş meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat ýurduň daşary ykdysady işi boýunça ýeke-täk syýasatyny emele getirmek we utgaşdyrmak üçin Türkmenistanyň Daşary işler ministrligine, Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligine hem-de Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine iberilýär (ýarym ýyllyk – 5-nji iýula çenli we ýyllyk – her ýylyň 5-nji ýanwaryna çenli).

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi hem-de Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi her ýyl tassyklanyp berlen iş meýilnamalarynyň we düzülen hasabatlaryň esasynda maglumatlary umumylaşdyrmak bilen, Türkmenistanda Daşary ykdysady işi ösdürmek boýunça bitewi iş meýilnamasyny we Daşary ykdysady işi ösdürmek boýunça ýyllyk iş meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi boýunça jemleýji hasabaty taýýarlaýar.

Türkmenistanda Daşary ykdysady işi ösdürmek boýunça bitewi iş meýilnamasy we Daşary ykdysady işi ösdürmek boýunça ýyllyk iş meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi boýunça hasabat zerur halatlarda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň garamagyna hödürlenip bilner.